# Agraslyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Agraslyk AGRASLYK

O günlerim owadandy, owadan,
Güneş kimin seň mähriňe ýylnardym.
Dem alsaň gabanyp seni howadan,
Men seni gezerin gorap ýyllardan.

Dag başyndan seniň päkligiň üçin,
Hiç aýak degmedik ak gar getirin.
Goraglap, soraglap gözel dünýäde,
Bagtym, seni bakylyga ýetirin.

Baharyň al-elwan gülleri ýaly,
Söýgiň ykbalyma ak günler getir.
Ýöne «söýýän» diýmen,
Çünki gursakda,
Yşk duýgudan rüstem agraslyk ýatyr.

Ogulşirin ATDAÝEWA. Goşgular